# Kitaphanasyz bolmaz!

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kitaphanasyz bolmaz! KITAPHANASYZ BOLMAZ!




Ilkinji nobatda…
Käbir maglumatlary agzap geçeýin. Soñ näme pyşgyrjak bolýanymy aýdaýyn.
Ösen medeniýetleriñ biri-de maýýalaryñ medeniýetidi. Olar b.e.öñ 100-nji ýylda okamagy-ýazmagy öwrendiler we 1400 ýyllap taryhlaryny, astronomiki gözegçiliklerini, kalendarlaryny banan gabyklaryna ýazdylar.
Birdenem ispan ýalmawuzlary geldi.
Maýýalary hristian etjek boldular.
Isleýişleri ýaly bolmadam welin, maýa siwilizasiýasyna degişli ähli ýazuw ýadygärliklerini ýakdylar. Bu barada ruhany Landa şeýle ýazýar:
«Bu ýerde gaty köp kitabyñ üstünden bardyk we içinde şeýtanyñ taglymyndan başga zat tapmandygymyz üçin hemmesini ýakdyk».
Maýa siwilizasiýasyndan biziñ günlerimize çenli bary-ýogy üç kitap gelip ýetdi.
Hytaý b.e.öñki 770-nji ýyldan 221-nji ýyla çenli 500 ýyllap ylym-bilim taýdan altyn döwrüni başdan geçirdi. Konfusiçilik we taoizm şu renessans döwründe emele geldi.
Soñra imperator Sin Şihuandi bu kämilleşmeden gorkdy we müñlerçe kitaby ýakdyrdy. Taryhçylar bu medeni gyrgynçylygy «Imperator Sin öz taryhyny ýazdyrmak üçin kitaplary ýakdyrdy»

diýip ýazdylar. Emma, Sin munuñ bilenem çäklenmedi, müñe golaý alymy kitaplary bilen bile diriligine ýere gömüp ýok etdi.
Käbir taryhçylar bu ilkinji kitap genosidiniñ b.e.öñ 333-nji ýylda bolup geçendigini aýdýar. Beýik basybalyjy hökmünde ýatlanýan, emma medeniýetsiz «Beýik» Aleksandr Makedonskiý Eýrany basyp alanda Persepol kitaphanasyny ýakdy. Persepolda 12 müñ sany sygyr derisine altyn harplar bilen ýazylan iki million setirlik medeniýet hazynasy bardy.

- **Hammamda ýakdyrdy**

Rimlileriñ kitaba bolan gyzyklanmasy söýgi hem ýigrenç aralygyndady. Karfagenli Gannibaldan talap alan kitaphanalaryny Alp daglarynda geçiren añzakly gijelerine ýakyp ýylandylar.
Emma, «Sezaryñ hakyny Sezara bedmeli» bolsa, rimliler Afinydan we Aleksandriýadan getiren kitaplaryny Rim kitaphanasyna getirme mertligini görkezdiler. Ony-da wizigotlar gelip ýakdy!
Imperator Ýuliý Sezar söýgülisi müsürli Kleopatra Bergama kitaphanasyndaky kitaplary sowgat etdi. Olam Bergama kitaphanasyndan gelen kitaplary birnäçe aýlap Aleksandriýanyñ hammamlarynda ýakdyrdy!
Matematikaçy Ýewklid, mehanikaçy, Arhimed, medisinaçy Gerofil, astronom Eratosfen, Ptolomeý ýaly alymlaryñ işlän, 990 müñ golýazmasy bilen Müsüriñ meşhur Aleksandriýa kitaphanasy aman galandyr öýdýärsiñizmi?
Musulmanlaryñ Aleksandriýany eýelemeginden soñ halyf Hezreti Omaryñ (r.a) serkerde Amr ibn Asyñ «Bu ýerde müñlerçe kitaplar bar. Bulary ýakaýynmy ýa goýaýyn?» soragyna şu jogaby berendigi rowaýat edilýär:
«Kitaplary öwren. Eger peýdasyz zatlar bolsa, ýak. Ýok, eger peýdaly zatlar bolsa-da, ýene ýak. Çünki, halk ol kitaplary okamagyny dowam etdirse, olara uýmakdan el çekmez, könäni unutmaz we bize, ýagny täzä-täzelige dowamly duşman bolarlar!»




Nijeme kitaphana guruldy. Nijeme kitaphana ýok edildi. Hindistandaky Nalanda uniwersiteti 1193-nji ýyla çenli dünýäniň iň uly okuw jaýy hasaplanýardy.
Uniwersitete Egeý sebitlerindenem talyp gelýän eken, çünki onuň kitaphanasynyň aňyrsy-bärsi bolmandyr. Dokuz gatly üç binadan ybarat ajaýyp kitaphanada ylmyň hemme ugruna degişli müňlerçe kitap bolupdyr. Emma, bu kitaplaryň arasynda buddizmi mazamlaýan kitaplaryň bolmagy onuň soňuny getirdi. Bagtyýar Halaçly we onuň garamagyndaky musulman goşuny Nalanda uniwersitetini talady we ähli kitaplaryň külüni göge sowurdy. Rowaýata görä, şeýle bir köp kitap bar eken welin, kitaphananyň ýangyny üç aýlap dowam edipdir!

- **Pýer Kýuriniň sözleri**

Elbetde…
Diňe musulmanlar kitap ýakanok. Araplaryň Ispaniýany taşlap gaýtmaga mejbur bolanyndan soň Ksimenes atly katolik kardinaly Andalus kitaphanasyndan getirlen araplara dahylly kitaplary Grenada meýdanynda musulmanlardan halas bolandyklarynyň şanyna ýakdyrdy. Fizikaçy Pýer Kýuri bu kitap genosidi üçin «Andalus kitaphanasyndan otuza golaý kitap halas boldy we olara esaslanyp atomy böleklere böldük. Eger ýakylan bir million kitabyň ýarsy halas edilen bolsady, biz häzir galaktikalaryň arasynda syýahat eder ýörerdik» diýdi.
Hasan Sabbahyň Alamut galasy 1256-njy ýylda mongol serkerdesi Hulagu han tarapyndan gabalypdyr. Aýdylmagyna görä, bir mongol akyldary Alamut kitaphanasyndaky kitaplary halas etmek üçin

rugsat sorapdyr. Oña bir el araba berilipdir we halas edip biljek kitabyny almaga rugsat edilipdir. Akyldar ilki Gurhanyñ golýazmalaryny el arabasyna ýükläpdir. Yzyndanam beýleki kitaplaryñ içine çümüp galypdyr. Onýança mongollar täze tapylan nebit bilen galany oda beripdir. Birküç sany golýazma Gurhandan başga hiç bir kitaby halas edip bolmandyr.

Bulam az bolýan ýaly, Hulagu han Bagdady basyp alanda 36 kitaphanany ýakdyrypdyr. Şonuñ ücin Dijle derýasynyñ birnäçe aýlap hüýt-gara akandygy aýdylýar.

Ýakyn taryha böküp geçeliñ…

ABŞ-nyñ prezidenti Adams kongrese peýda edäýjek kitaplary saklamak maksady bilen 1800-nji ýylda üç müñ kitaply kitaphana gurdurypdyr. 14 ýyldan soñ iñlisler kitaphanany Ak Tam bilen birlikde oda berdiler.

Prezident Tomas Jefferson bu ýitginiñ öwezini dolmak maksady bilen öz kolleksiýasyndan 6 müñ 500 kitaby beripdir. Çaprazlyga seretseñizläñ. 1851-nji ýylda seresapsyzlyk bilen bolan bir ýangyn bilen bu kitaplaryñam üçden ikisi ýanypdyr.




Kitap ýakma babatda ýapon goşunyndan has öňdeligi eýelän ýeketäk goşun nemes faşistleridir. Mysal üçin, nemesler uruş ýyllarynda Warşawanyň 14 sany kitaphanasyny ýakdy. Urşuň soňunda Polşada 16 million kitap ýakandyklary belli boldy. Nemesler bu boýunça aýratyn ussatlyga eýedi, çünki «Verbrennungskommandos» atly ýörite kitap ýakýan toparlary bardy!
Bularyň akyl saglygy hakykatdanam ýerinde däldi, Gyzyl Goşunyň eline geçäýmesin diýip Berlin kitaphanasynyň külüni göge sowurdylar. Hawa. Şunça mysal ýeterlik.
Şuny diýjek bolýaryn:

Belli bir wagta çenli kitaphanamdan uzakda bolmaly bolýaryn. Kitaphana bolmasa ýekşenbe ýazgysyny ýazyp bolmaýar. Ýagny…
Şonuñ üçin ýekşenbe günleri ýazýan «Bellik depderi» (“NOT DEFTERİ”) rubrikama arakesme berjek.
Bir bolmasyz iş bolmasa, güýzde ýekşenbe ýazgylarymy dowam etdirerin…
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 12.06.2016 ý. Publisistika